#114 (136)

среда, 28 февраля 2023 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана




# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ BAHREÝN PATYŞALYGYNA RESMI SAPARY



2023-nji ýylyň 17-nji fewralynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda käbir resminamalaryň taslamalaryna garaldy we birnäçe möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibine geçip, Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa söz berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow gözegçilik edýän ulgamlaryndaky işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzy 2023-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda hususylaşdyrmak we döwletiň garamagyndan aýyrmak boýunça wezipeleriň möhüm ugurlar hökmünde kesgitlenendigini belledi. Döwlet Baştutanymyz bu ugurda göz öňünde tutulan işleriň talabalaýyk ýerine ýetirilmeginiň geljekde önümçilik we hyzmatlar ulgamlarynda hususy pudagyň ägirt uly kuwwatyndan netijeli peýdalanmaga ýardam etjekdigine, umuman, milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge we onuň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga hyzmat etjekdigine ünsi çekip, wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Begliýew ýurdumyzyň nebiti gaýtadan işleýän senagatyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwrüň talaplaryna laýyklykda ýangyç-energetika toplumynyň düzümleriniň işini mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmagyň, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň wajypdygyny belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow ýurdumyzyň welaýatlarynda ýaz ekişine görülýän taýýarlyk işleri, şeýle hem bugdaý ekilen meýdanlarda ideg etmek işleriniň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, bugdaýa agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg edilmegini, gowaça ekişine ykjam taýýarlyk görülmegini we onuň amatly möhletlerde geçirilmegini, bugdaýyň, "ak altynyň" we beýleki oba hojalyk önümleriniň bol hasylyny almak üçin ähli mümkinçilikleriň döredilmegini üpjün etmegiň zerurdygyny nygtady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gözegçilik edýän ulgamlarynda alnyp barylýan işler, hususan-da, Energetika ministrligi tarapyndan elektrik energiýasy bilen ygtybarly we bökdençsiz üpjün etmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň elektrik energetika

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ СУЛТАНА ГОСУДАРСТВА БРУНЕЙ-ДАРУССАЛАМ С ДНЁМ НЕЗАВИСИМОСТИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления Султану Государства Бруней-Даруссалам Хаджи Хассаналу Болкиаху по случаю Дня независимости Государства Бруней-Даруссалам.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Султану Хаджи Хассаналу Болкиаху искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Государства Бруней-Даруссалам – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ЭСТОНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ С ДНЁМ НЕЗАВИСИМОСТИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления Президенту Эстонской Республики Алару Карису по случаю национального праздника страны – Дня независимости Эстонской Республики.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Президенту Алару Карису искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Эстонской Республики – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ МАЛЬТА

Президент Сердар Бердымухамедов направил от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Мальта Джорджу Велла и всему народу страны по случаю 30-й годовщины установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Республикой Мальта.

Отношения между нашими государствами опираются на взаимоуважение, равноправие и обоюдное доверие, отметил глава государства, подчеркнув, что Туркменистан заинтересован в расширении двусторонних связей, а также выразил уверенность, что благодаря совместным усилиям сотрудничество между нашими странами будет и далее развиваться в интересах обоих народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил Президенту Джорджу Велла пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Республики Мальта – дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ЭМИРА ГОСУДАРСТВА КУВЕЙТ С НАЦИОНАЛЬНЫМ ДНЁМ СТРАНЫ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Эмиру Государства Кувейт Шейху Навафу Аль-Ахмед Аль-Джабер Аль-Сабаху по случаю Национального дня Государства Кувейт.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Эмиру Государства Кувейт искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу страны – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ТУРЕЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Турецкой Республики Реджепу Тайипу Эрдогану в связи с днём рождения.

«Хочу отметить Ваш личный вклад в развитие отношений между Туркменистаном и Турецкой Республикой. Мы высоко ценим двусторонние отношения дружбы и братства и уверены, что это сотрудничество и впредь будет развиваться в интересах народов двух стран», говорится в послании главы государства.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов пожелал Президенту Реджепу Тайипу Эрдогану крепкого здоровья, счастья и семейного благополучия, а народу братской дружественной страны – мира, дальнейшего развития и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РАИСА РЕСПУБЛИКИ ТАТАРСТАН РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил тёплые поздравления и наилучшие пожелания Раису Республики Татарстан Российской Федерации Рустаму Минниханову по случаю дня рождения.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства искренне пожелал Раису Татарстана крепкого здоровья, семейного благополучия и счастья, а также больших успехов в ответственной государственной деятельности.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ТУРЕЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил Президенту Турецкой Республики Реджепу Тайипу Эрдогану искренние поздравления и наилучшие пожелания в связи с днём рождения.

«Отрадно, что отношения, установившиеся между Туркменистаном и Турецкой Республикой в политической, торгово-экономической, культурно-гуманитарной и других сферах, планомерно развиваются», говорится в послании Героя-Аркадага.

Пользуясь случаем, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов поблагодарил Президента Реджепа Тайипа Эрдогана за вклад в развитие туркмено-турецкого сотрудничества и пожелал ему крепкого здоровья, счастья и успехов во всех начинаниях.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РАИСА РЕСПУБЛИКИ ТАТАРСТАН РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов поздравил Раиса Республики Татарстан Российской Федерации Рустама Минниханова с днём рождения.

«Вы являетесь давним и добрым другом туркменского народа. Мы высоко ценим работу, проделанную под Вашим руководством по укреплению сотрудничества между Туркменистаном и Республикой Татарстан Российской Федерации. Твёрдо убеждён, что наши отношения будут и далее динамично развиваться по восходящей линии», — говорится в послании Героя-Аркадага.

Пользуясь этой приятной возможностью, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана выразил Раису Татарстана пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов в ответственной государственной деятельности.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ BAHREÝN PATYŞALYGYNA RESMI SAPARY



*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

pudagyny okgunly ösdürmek boýunça amala aşyrylýan giň gerimli işleriň wajypdygyny nygtap, bu ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň we döwrebaplaşdyrmagyň möhümdigine ünsi çekdi hem-de bu ugurdaky işleri has-da işjeňleşdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew hormatly Prezidentimiziň ilaty azyk harytlarynyň dürli görnüşleri bilen üpjün etmek boýunça beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilýän möçberini artdyrmagyň hem-de ýurdumyzyň eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmagyň, bäsdeşlige ukyply önümçilikleri ösdürmegiň milli ykdysadyýetimiziň durnuklylygyny pugtalandyrmaga gönükdirilendigini belledi hem-de amala aşyrylýan bu işleriň esasy maksadynyň ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmekden ybaratdygyny aýdyp, wise-premýere bu ugurdaky işleri gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa Halkara zenanlar güni mynasybetli baýramçylyk dabaralaryny geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda mähriban enelerimize, uýalarymyza we ähli zenanlara çuňňur hormatyň nyşanyna öwrülen bu ajaýyp bahar baýramynyň ähmiýetini nygtady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ahal welaýat mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebini döretmek hakynda we Saçly Dursunowa adyndaky Ahal welaýat lukmançylyk orta hünär okuw mekdebini döretmek hakynda Kararlaryň taslamalary barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, degişli Kararlara gol çekdi we olary sanly ulgam arkaly iberip, wise-premýere resminamalaryň doly ýerine ýetirilmegine we bilimli, sagdyn ýaş nesli terbiýelemek üçin şertleriň hem-de olaryň innowasion tehnologiýalary, täze bilimleri özleşdirmegi babatda mümkinçilikleriň döredilmegine gözegçiligi üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ähli işgärleriniň adyndan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy her ýylyň 18-nji fewralynda bellenilýän Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni bilen tüýs ýürekden gutlady we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Wise-premýer, daşary işler ministri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa milli diplomatik gullugyň işine hemmetaraplaýyn goldaw berýändigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, gullugyň işgärleriniň öz öňlerinde goýlan möhüm hem-de jogapkärli wezipeleri üstünlikli çözmekde mundan beýläk-de ähli tagallalary etjekdiklerine ynandyrdy.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işgärlerini hünär baýramçylyklary bilen tüýs ýürekden gutlady we parahatçylyk söýüjiligiň, bitaraplygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň, özara bähbitli hyzmatdaşlyk üçin açyklygyň Türkmenistanyň daşary syýasatynda we halkara gatnaşyklarynda esasy ýörelgeler bolup durýandygyny nygtady. Häzirki wagtda ýurdumyz kabul edilen resminamalardan ugur alyp, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek ugry bilen ynamly öňe gitmegini dowam etdirýär. Bu strategiýa milli bähbitlere hem-de ählumumy abadançylygy, durnukly ösüşi üpjün etmek maksatlaryna doly laýyk gelýändigini subut etdi.

Döwlet Baştutanymyz milli diplomatik gullugyň işgärleriniň mundan beýläk-de tutanýerli zähmet çekip, dünýä giňişliginde Watanymyzyň abraýyny has-da belende galdyrmaga ýardam etjekdiklerine ynam bildirdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Türkmenistanyň wekiliýetiniň 13-nji fewralda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilen Bütindünýä hökümet sammitine gatnaşmagynyň netijeleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Birleşen Milletler Guramasy we beýleki abraýly halkara düzümler bilen netijeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu işiň çäklerinde Türkmenistan halkara derejede köptaraplaýyn gatnaşyklar ulgamynda degişli işleri geçirýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça ýurdumyzyň wekiliýeti agzalan Bütindünýä hökümet sammitine gatnaşdy. Foruma gatnaşyjylar Türkmenistanda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça alnyp barylýan anyk işler bilen tanyşdyryldy. Türkmen tarapynyň çykyşlarynda BMG-niň howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyndan gelip çykýan borçnamalaryň ýerine ýetirilişi we bu babatda durmuşa ýurdumyz tarapyndan durmuşa geçirilýän işler giňişleýin beýan edildi. Ýurdumyzyň diwersifikasiýa strategiýasyny durmuşa geçirmek babatda pes uglerodly energiýany ösdürmäge üns berildi. Şunuň bilen baglylykda, “Türkmenistanyň wodorod energiýasy babatda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça 2022-2023-nji ýyllar üçin “Ýol kartasynyň” ýerine ýetirilişi, döwlet Baştutanymyzyň energetika howpsuzlygyny üpjün etmäge degişli başlangyçlary beýan edildi.

Türkmen tarapynyň çykyşynda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyň aýratyn orny nygtaldy. Bu babatda Aziýa bilen Ýewropanyň arasynda durnukly we ygtybarly ulag gatnawlarynyň üpjün edilmegi möhüm meseleleriň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň multimodal üstaşyr ulag we logistika düzümini döretmek boýunça iri milli hem-de sebit taslamalaryny amala aşyrmak baradaky başlangyçlar beýan edildi.

Türkmen tarapynyň çykyşynda tebigy betbagtçylyklaryň howpuny peseltmek boýunça dünýä bileleşiginiň tagallalarynyň birleşdirilmeginiň zerurdygy nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, Ýaponiýanyň Sendaý şäherinde geçirilen BMG-niň Bütindünýä maslahatynda kabul edilen çözgütleriň hem-de 2015 — 2030-njy ýyllar üçin degişli Çarçuwaly maksatnamanyň düzgünleriniň ýerine ýetirilmeginiň wajypdygy bellenildi. Türkmenistan şeýle hem halkara söwda ulgamynda hyzmatdaşlyga jogapkärli çemeleşýändigini görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, Bütindünýä Söwda Guramasynyň çäklerinde gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Sammitiň çäklerinde BSG-niň Baş direktory bilen duşuşyk geçirildi. Onuň barşynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň giň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistana goşulyşýan döwlet, ýagny “işjeň synçy” derejesiniň berilmegi bu guramanyň çäklerinde işi işjeňleşdirmäge hem-de geljekde onuň doly hukukly agzasy bolmaga mümkinçilik berýär.

Döwlet Baştutanymyzyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek hem-de ýurdumyzyň häzirki zaman dünýä hojalyk gatnaşyklary ulgamyna üstünlikli goşulyşmagyny üpjün etmek maksady bilen birnäçe teklipler, şol sanda BSG bilen ulgamlaýyn hyzmatdaşlyk üçin Iş meýilnamasyny işläp taýýarlamak, bu gurama doly hukukly agza hökmünde goşulmak boýunça görülýän çäreleri işjeňleşdirmek babatda birnäçe teklipler taýýarlanyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň abraýly halkara guramalar bilen köpugurly gatnaşyklary pugtalandyrmaga hemişe uly üns berýändigini nygtady. Şunda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde BMG we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilýär. Bu babatda ýurdumyz jogapkärli we toplumlaýyn çemeleşmäni görkezýär. Türkmenistan daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde, şol sanda halkara forumlaryň meýdançalarynda işjeň gatnaşyk edip, parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak, energetika, ulag-logistika, ynsanperwer, ekologiýa ýaly ileri tutulýan ulgamlarda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge ýardam edýän netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmak boýunça anyk teklipleri öňe sürýär.

Söwda-ykdysady ulgamda hyzmatdaşlyga hem uly ähmiýet berilýär. Bu babatda ýöriteleşdirilen düzümler, hususan-da, Bütindünýä Söwda Guramasy bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Türkmenistana BSG-ä goşulyşýan döwletiň derejesiniň berilmegi bu gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykmagyny üpjün edip, ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň giňeldilmegi üçin oňaýly mümkinçilikleri şertlendirdi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz wise-premýere, daşary işler ministrine bu ugurda toplumlaýyn işleri yzygiderli dowam etdirmegi, umumy bähbitlere laýyk gelýän hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek üçin bar bolan mümkinçiliklerden netijeli peýdalanmaga aýratyn üns bermegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew “Türkmenaragatnaşyk” agentliginiň pudaklaýyn kärhanalaryny tehnologik taýdan täzelemek, optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça alyp barýan işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwletimiziň ýurdumyzda köpugurly, bäsdeşlige ukyply ulag-kommunikasiýa toplumyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berýändigini hem-de milli aragatnaşyk ulgamyna halkara tejribeden ugur almak bilen, döwrebap tehnologiýalary giňden ornaşdyrmagyň wajypdygyny belledi we agentligiň ýolbaşçysyna bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň jemini jemläp, şu gün möhüm meseleleriň birnäçesine garalandygyny, milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny ösdürmäge gönükdirilen resminamalaryň kabul edilendigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisini tamamlap, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



2023-nji ýylyň 24-nji fewralynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürmek bilen bagly käbir meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy, milli ykdysadyýetiň pudaklaryny ösdürmäge gönükdirilen resminamalaryň taslamalaryna garaldy.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa söz berildi. Ol kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça milli parlamentiň alyp barýan işleri barada maglumat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararynyň düzgünlerini ýerine ýetirmek üçin geçirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda gadymdan gelýän milli däplere eýerip, türkmen zenanlaryna, ajaýyp görüm-görelde bolýan mähriban enelerimize uly sarpa goýulýandygyny belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Begliýew energiýa serişdelerini rejeli peýdalanmak boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň nebitgaz senagatynyň milli ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň biridigini belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow ýurdumyzyň sebitlerinde alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleri hem-de ýazky ekişe görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow Aşgabat şäheriniň şähergurluşyk-binagärlik keşbini has-da gözelleşdirmek, paýtagtymyzy ýaşamak, işlemek we dynç almak üçin oňaýly şähere öwürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew Dokma senagaty ministrliginiň garamagyndaky bilelikdäki kärhanalary döwrebaplaşdyrmak hem-de olaryň dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek boýunça geçirilýän işler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa şu ýylyň mart aýynda geçiriljek esasy çäreleriň we medeni-durmuş maksatly binalary açyp ulanmaga bermegiň Tertibi barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow ýaşlaryň arasynda ylmy işler boýunça halkara bäsleşigi geçirmäge taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeleriň esasy strategik güýji hökmünde zehinli ýaşlar ata Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine gönükdirilen taslamalary amala aşyrmaga işjeň gatnaşýarlar.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly mynasybetli ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek ýaşlaryň arasynda ylmy işler boýunça "Ýokary tehnologiýalar we innowasion işläp taýýarlamalar" atly halkara bäsleşigi geçirmek meýilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, Bilim ministrligi hem-de Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi tarapyndan resmi internet saýtlarda we diplomatik ýollar arkaly nanotehnologiýalar, himiki tehnologiýalar, täze materiallary öwrenmek, energetika, biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa hem-de genetika ugurlary boýunça halkara bäsleşik yglan ediler. Bäsleşigi iki tapgyrda geçirmek meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, geçiriljek halkara bäsleşigiň ýurdumyzyň ýaşlarynyň ylym-bilim dünýäsine mundan beýläk-de işjeň aralaşmagyny üpjün etjekdigini belledi hem-de onuň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi babatda wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra wise-premýer ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde sanly ulgam arkaly halkara olimpiadalary geçirmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynda, daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynda, tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynda kesgitlenen wezipelerden ugur alnyp, şu ýylyň 15-nji martynda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda materiallaryň garşylygy dersi boýunça II halkara açyk internet olimpiadasyny, 27-nji mart — 1-nji aprel aralygynda Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda nazary mehanika dersi boýunça II açyk halkara internet olimpiadasyny, 12-13-nji aprelde Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda iňlis dili dersi boýunça II halkara internet olimpiadasyny geçirmek teklip edilýär. Meýilleşdirilýän halkara internet olimpiadalaryna ýurdumyzyň talyplary bilen bir hatarda, Ýewraziýa döwletlerinden, Demirgazyk we Günorta Amerika ýurtlaryndan, şeýle hem dünýäniň beýleki sebitlerinden onlarça döwletiň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň gatnaşmagyna garaşylýar.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow 2023-2024-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň ykdysadyýetine ýokary we innowasion tehnologiýalary çekmäge gönükdirilen halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin Hereketleriň meýilnamasynyň taslamasynyň işlenip taýýarlanylyşy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu möhüm ugurda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklary giňeltmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Häzirki wagtda Diýarymyzda döwrebap ýokary tehnologiýaly ykdysadyýeti döretmek maksady bilen, dünýäniň tehnologik taýdan ösen döwletleri, abraýly halkara guramalar we iri kompaniýalar bilen hyzmatdaşlyk ýola goýulýar. Şunuň bilen baglylykda, birnäçe teklipler, şol sanda ýokarda agzalan Hereketleriň meýilnamasynyň taslamasyny işläp taýýarlamak, degişli kanunçylygy kämilleşdirmek, ýokary tehnologik merkezleri döretmek babatda dünýäniň öňdebaryjy tejribesini öwrenmek, bu ugurda bilim almak ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça teklipler taýýarlanyldy.

Mundan başga-da, ýurdumyzda täze bilimleriň, ylmy barlaglaryň, önümçiligiň we tehnologiýalar işewürliginiň bitewüligini özünde jemleýän Halkara innowasion toplumy we ýokary tehnologiýalar boýunça işewürler mekdebini döretmek, şeýle-de BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy hem-de ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkezi bilen bilelikde paýtagtymyzda tehnologiýalar hepdeligini geçirmek teklip edilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, häzirki döwürde ýokary tehnologiýalaryň we innowasiýalaryň giňden ornaşdyrylmagynyň döwletimiziň hem-de jemgyýetimiziň okgunly ösüşiniň möhüm şerti bolup durýandygyny belledi. Öňdebaryjy gazanylanlaryň, dünýäniň iň gowy tejribesini ornaşdyrmagyň hasabyna tehnologik özgerişlikleri amala aşyrmak ösüşiň, innowasion ykdysadyýeti döretmegiň, onuň kuwwatyndan netijeli peýdalanmagyň, durmuş ulgamyny kämilleşdirmegiň wajyp şertidir. Döwlet Baştutanymyz şular barada aýtmak bilen, wise-premýere, daşary işler ministrine bu ugurda işleri yzygiderli dowam etdirmegi tabşyrdy we daşary ýurtly hyzmatdaşlar, şol sanda halkara guramalar, ugurdaş işewürlik düzümleri bilen netijeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň baş direktory M.Çakyýew hormatly Prezidentimiziň ozal beren tabşyryklaryna laýyklykda, täze, ykdysady taýdan has amatly bolan ugurlar boýunça halkara howa gatnawlaryny açmak, ýük daşalýan ugurlary giňeltmek boýunça amala aşyrylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ulag hyzmatlaryny ösdürmekde raýat awiasiýasynyň möhüm orny eýeleýändigini nygtady. Döwrebap ulag geçelgelerini döretmek, howa menzillerini netijeli ulanmak raýat awiasiýasynyň öňünde durýan wajyp wezipeleriň biridir diýip, döwlet Baştutanymyz belledi we agentligiň ýolbaşçysyna bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Hasabatyň dowamynda "Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022 — 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda" kesgitlenen wezipeleri üstünlikli çözmäge gönükdirilen işler barada habar berildi. Hususan-da, Türkmenbaşy Halkara deňiz portuny "ýaşyl" portlaryň hataryna goşmak, oňa "EcoPort" şahadatnamasyny almak babatda görülýän çäreler barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň deňiz ulagy ulgamynyň halkara gatnaşyklary ösdürmäge, Hazar deňziniň ekologik deňagramlylygyny üpjün etmäge we tebigaty goramak babatdaky ähli wezipeleri çözmäge işjeň gatnaşýandygyny belledi hem-de agentligiň ýolbaşçysyna bu ugurdaky işi dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň mejlisinde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe meselelere garaldy we ykdysadyýetimiziň pudaklaryny ösdürmäge gönükdirilen resminamalar kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilýän Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Интернет газета
Международные новости

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ВСТРЕТИЛСЯ С ГЛАВОЙ РЕГИОНАЛЬНОГО ЦЕНТРА ООН ПО ПРЕВЕНТИВНОЙ ДИПЛОМАТИИ



22 февраля 2023 года Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедов принял Специального представителя Генерального секретаря Организации Объединённых Наций по Центральной Азии, главу Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии (РЦПДЦА) Наталью Герман, завершающую свою деятельность в Ашхабаде.

Выразив признательность за возможность в личной беседе обсудить актуальные вопросы и векторы дальнейшего развития, установившегося тесного, плодотворного сотрудничества, дипломат от имени Генерального секретаря Организации Объединённых Наций и от себя лично поздравила Гурбангулы Бердымухамедова с избранием на пост Председателя Халк Маслахаты и признанием Национальным Лидером туркменского народа, пожелав больших успехов в неустанной деятельности на благо независимого нейтрального Туркменистана.

Глава Регионального центра выразила искреннюю признательность Аркадагу и Президенту Туркменистана за всестороннюю поддержку работы РЦПДЦА и пожелала успехов в работе на благо независимой нейтральной Отчизны.

Радушно приветствовав Наталью Герман, Председатель Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедов в первую очередь поблагодарил её за эффективное сотрудничество и большой личный вклад в успешное развитие партнёрства между Туркменистаном и ООН в период её работы на посту главы Регионального Центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии, и попросил передать тёплые приветствия и наилучшие пожелания здоровья и благополучия Генеральному секретарю ООН Антонию Гутерришу.

Пожелав Наталье Герман больших успехов на новой должности Исполнительного директора Исполнительного директората -Контртеррористического комитета ООН, Национальный Лидер туркменского народа отметил, что в Туркменистане её всегда будут рады видеть в качестве гостя или официального представителя ООН.

В ходе беседы отмечалось, что за годы сотрудничества наша страна превратилась в надёжного союзника и стратегического партнёра ООН в деле сохранения и поддержания стабильности, развития добрососедства и дружбы в регионе. Как отметила Н.Герман, Национальный Лидер туркменского народа получил большую поддержку своих миролюбивых инициатив и предложений по важным современным проблемам в регионе и в рамках Организации Объединённых Наций.

Инициатива создания Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии принадлежала Национальному Лидеру туркменского народа, Председателю Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедову, начавшему процесс создания совершенно новой модели сотрудничества в стратегически важном регионе мира.

Реализации этой идеи способствовало осознание необходимости и целесообразности такого Центра со стороны ООН и региональных объединений, а также государств Центральной Азии.

Таким образом, впервые в истории Центральной Азии появился региональный офис, который был призван стать фактором, способствующим активизации выработки совместных решений, опираясь на политико-правовые инструменты и высокий авторитет ООН, её организационно-политические средства.

Национальный Лидер туркменского народа с удовлетворением констатировал, что сегодня на базе Регионального центра работает команда Контртеррористического управления ООН, созданы и успешно функционируют такие механизмы многосторонней превентивной дипломатии, как Академия превентивной дипломатии, Диалог женщин стран Центральной Азии, Целевая рабочая группа по правовым аспектам водно-энергетического сотрудничества государств Центральной Азии и другие.

Убеждён, что потенциал Центра будет и далее востребован в таких направлениях, как энергетическая безопасность, устойчивый транспорт, водная проблематика, защита окружающей среды, информационная и биологическая безопасность, вопросы разоружения и нераспространения, сказал Председатель Халк Маслахаты Туркменистана.

В завершение Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов и руководитель Регионального центра ООН Наталья Герман обменялись взаимными добрыми пожеланиями, выразив уверенность в успешном продолжении и углублении многопланового партнёрства Туркменистана с ООН и её учреждениями во имя стабильности, мира и устойчивого развития на планете.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *В Туркменистане проводится молодежный конкурс переводов*

Велаятский совет Молодежной организации Туркменистана имени Махтумкули совместно с редакцией газеты «Maru-şahu jahan» и учебным центром «Miras» объявляют конкурс среди молодых переводчиков «Ýaş terjimeçiniň ussatlygy». Принять участие в нем могут студенты высших и средних учебных заведений Туркменистана, молодежь, занимающаяся переводами.

Согласно условиям, необходимо перевести короткие рассказы, сказки, впечатляющие истории, написанные на английском или русском языках, на туркменский язык.

### *Туркменские спортсмены приняли участие в церемонии открытия зимних Игр «Дети Азии»*

Команда Туркменистана приняла участие в церемонии открытия II Зимних игр «Дети Азии! 2023, которая состоялась в ледовом дворце «Кузбасс» в Кемерове (Россия). В состав делегации Туркменистана вошли 17 человек, в их числе 10 спортсменов. Флаг страны на церемонии открытия пронёс представитель волейбола на снегу Фуркат Шарипов.

В престижном турнире участвуют 867 спортсменов из 12 азиатских стран и восьми регионов России. За соревновательные дни юные спортсмены разыграют 57 комплектов медалей в 19 видах спорта, передает ТАСС.

### *«Алтын Асыр» наладил связь 4G еще в ряде районов Туркменистана*

Оператор сотовой связи «Алтын Асыр» установил новое оборудование для работы связи 4G в ряде районов трех регионов Туркменистана. Об этом сообщили представители TMCELL.

Абоненты «Алтын Асыр» в Куняургенче, Туркменбаши, Акдепе, Болдумсазе, районах Берекет, Кызыларват, Теджен, Серахс, Махтумкули, Кака, Гекдепе, Ак бугдай, Бахерден и городе Хазар теперь могут пользоваться преимуществами четвертого поколения мобильной связи, высокоскоростным интернетом и качественной телефонной связью.

### *Специалисты из Туркменистана прошли курсы в Институте мировой торговли Бернского университета*

Представители Правительственной комиссии по изучению вопросов, вступления Туркменистана во Всемирную торговую организацию (ВТО) прошли курс «Зимняя академия-2023», Института мировой торговли Бернского университета в Швейцарии. Обучение охватило темы, которые будут необходимы для процесса вступления Туркменистана в ВТО .

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***